# «Selaheddin Eýýuby» teleserialy bilen «TRT» ýene tüý dikdi

Category: Kitapcy,Publisisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
"Selaheddin Eýýuby" teleserialy bilen "TRT" ýene tüý dikdi
«SELAHADDIN EÝÝUBY» TELESERIALY BILEN «TRT» ÝENE TÜÝ DIKDI




*«TRT» döwlet telewideniýesi «Ierusalimiñ eýeleýjisi Selaheddin Eýýuby» teleserialy bilen 13-nji noýabrda duşenbe güni ýaýlyma başlady*

«TRT»-de Selahaddin Eýýubynyñ ömri hakda täze teleserial başlady.

Başlap-başlamanka-da säwlik üstüne säwlik goýberilýändigi, garşok üstüne garşok döwülýändigi ýüze çykdy.

Gysgaça aýdar bolsak:

Bilýänsiñiz, Selaheddin Eýýuby häzirki Igdir şäheriniñ garşysyndaky Türkiýäniñ araçäginde, Ermenistanyñ çäklerinde galan Diwin şäheriniñ ýaşaýjysy Eýýup ibn Şadynyñ ogly. Ýagny, Selaheddin Eýýubyñ ogly, Eýýubam Şadynyñ ogly.

Bular «Yslam ensiklopediýasyndan» «AnaBritannica», «Meydan

Larousse» ensiklopediýalaryna çenli hemmesinde aýdylyşy ýaly Şeddady kürt döwletiniñ rewwady taýpasyna degişli nebere.
Eýýup (Selahaddin Eýýubynyñ kakasy Eýýup ibn Şady) we dogany Şirkuh (Esadüddin Şirkuh ibn Şadi) wagtyñ geçmegi bilen Diwinden, Igdirden günorta tarap göçýär.




*Şirkuh ibn Şadi*
Eýýup nähili akylly, sowukganly, paýhasly we döwlet dolandyryş işinde kämilleşenem bolsa, serkerde dogany Şirkuham onuñ üstüni dolduryp biljek derejede söweşjeñ ruhly harbylardandy. Şol sanda ýaşaýan sebitiniñem harby serkerdesi.
Häzirki dil bilen aýdanda, biri baş wezir, premýer-ministr, beýlekisi goranmak ministri.
Olar Hasankeýfiñ üstünden Kerkuk bilen Bagdadyñ arasyndaky Tikrit şäherine gelýärler. Bu ýerde gala serkerdesi bolup, şol döwrüñ Bagdat şäheri boýunça içerki howpsuzlyk müdiri Şaweriñ hyzmatynda bolýarlar.
Soñ bir gün Şaweriñ ýakyn adamlarynyñ biri bilen Tikritde oñuşmazlyk döreýär we Selahaddiniñ doglan ýyly ýa-da Selaheddin ýañy bir ýaşlaryndaka Şirkuh Şaweriñ ýañky adamyny öldürýär. Şeýdibem, Mosuldaky Ymameddin Zeññiniñ ýanyna gaçyp gelinýär.
Ymameddin Zeññi-de öñ Bagdat halyfy bilen çaknyşan döwründe Eýýup we dogany Şirkuh ony gorap, goldap, janyny halas edip,

gaçmagyna kömek edendikleri üçin olara hemaýat edýär.
Hekaýat şeýdip başlanýar.




*Selaheddin Eýýuby*

Yzyndan Ymameddin Zeññi Halaby-da alýar we birnäçe ýyllap Siriýanyñ demirgazygyny, Mosul-Halap aralygyny dolandyrýar. Günleriñ bir güni ol gije öz guly tarapyndan öldürilýär.
Ýerine-de ogly Nureddin Zeññi geçýär.
Ondan soñ bolup geçen zatlary özüñizem bilýärsiñiz. Emma biziñ nägileligimiz şu:
«TRT» tarapyndan tomaşaçylara ýetirilip başlanan «Ierusalimiñ eýeleýjisi Selaheddin Eýýuby» («Kudüs Fatihi Selahaddin Eyyubi») teleserialynda eýýäm birinji seriýadan başlap ýalan-ýaşryklar, ýalñyşlyklar, hatalar yzly-yzyna gözümize dürtülmäge başlady.

1. Selaheddin we onuñ kakasy Eýýubyñ, agasy Şirkuhyñ kürtdikleri hakda hiç zat aýdylanok.
2. Selaheddin Tikritden gaçyp gelýärkäler ýolda, ýaýly arabada dünýä inýär.

Munuñ şeýledigini «AnaBritannica», «Yslam ensiklopediýasy», «Meydan Larousse» ýaly gollanmalardan başlap Ibnül-Ezrak el-Farikiniñ «Taryh» kitabyna çenli… ýerlisi, kese ýerlisi, musulmany, gäwüri, hatda ýekesinde-de kelam agyz aýdylýan ýeri ýok. Nirden toslap tapdylar, bilemok.

Serialda Selaheddini doglan güni, edil şol sagatda Nureddin Zeňňiniňem bir ogly dünýä inýär we Eýýup çagasyny Nureddin Zeňňä ogullyk berýär.
Taryhy çeşmelerde bular ýaly maglumat ýok. Çünki Selaheddin doglan wagtlarynda Nureddin Zeňňi ýaňy 18-19 ýaşlarynda we Ymameddin Zeňňi-de aýatda diri eken.
Selaheddin 8-9 ýaşlaryndaka Ymameddin Zeňňi öldürildi.
Nureddin Zeňňi entek Ymamrddin Zeňňiniň bar wagty Mosuldan Halaba geçipdir, Şam we onuň töwerekleri eýelenipdir.
Ýagny, Selaheddiniň Nureddine çagalyk berilendigi ýa-da onuň ýanynda ulalandygy hakda hiç hili maglumat ýok.




Üstesine serialda Selaheddin ýaş wagty bir ýörişe gatnaşýar we ol ýerde özüni Nureddin Zeňňiniň ogly hökmünde tanadýar. Munuň hiç hili tutarygy ýok.
Şu güne çenli Selaheddin Eýýubynyň özüni «Eýýubynyň ogly Selaheddin» görnüşinden başga biriniň perzendi diýen ýeri ýok.
Gynansak-da, bu ýerde örän inçelik bilen oýnalýan tilkilik bar.
Bilnişi ýaly, Nureddin Zeňňi türk(men), Selaheddin Eýýuby bolsa kürt.
Gadyrdanlar, nämüçin şugadar ýalana, ýalňyşa, çirkeýlige, taryhy ýoýulmalara ýol berýärsiňiz? Nämüçin beýdýärsiňiz? Şeýtmegiň nä hajaty bar?
Beýtmek ne Nureddin Zeňňini kiçeldýär, ne-de ulaldýar. Ne

Selaheddini beýgeldýär, ne-de peseldýär. Çünki taryhy hakykatlar gözümize dürtülip dur-a!
Ine, siz şeýde-şeýde, taryhy ýoýa-ýoýa, ýalan çyrşaýa-çyrşaýa kürt meselesini-de häzirki ýagdaýyna getirdiňiz. Utanyň-a biraz!
«TRT» ýaly döwlet telewideniýesi haýdan-haý bu teleserialy efirden aýyrmaly. Dogry-dürs teleserialy surata düşürip efire goýbermeli. Halkdanam ötünç soramaly.



Munuň özi «TRT»-niň eden birinji ýalňyşlygy däl.
Geçmişde seresapsyzlyk bilen nähili ýol berlenem bolsa Kemal Tahyryň «Argyn söweşiji» («Yorgun Savaşçı») eseri esasynda kinofilm surata düşürdiler.
Elbetde, Kemal Tahyryň «Argyn söweşijisi» ähmiýetli eser. Onda Azat-edijilik urşunyň hakykatlary bolşy-bolşy ýaly suratlandyrylýar.
Surata düşürilen kinofilm garaşan hasaplaryna gabat gelmedi welin, kinofilmi ýakdylar. Hatda arhiwde-de ýokdugyny aýtdylar.


Yılan hikayesine dönmüştü

Kemal Tahir'in aynı adlı yapıtından TV'ye uyarlanan Yorgun Savaşçı filmi Kurtuluş Savaşı yıllarını anlatıyor. Filmin yönetmeni Halit Refiğ ''TRT Milli Mücadele ile ilgili bundan daha güzel bir film çekemez'' dedi.

Yorgun Savaşçı yayından kaldırıldı

Filmin yönetmeni Halit Refiğ ''Milli Mücadele ile ilgili bundan daha güzel bir film çekilemez. Böyle bir dizi çekilmek istense 150 milyon liraya malolur'' dedi.

Hawa, «TRT»-niñ etmişi bir däl, iki däl, üç däl, bäş däl… Şonuñ üçin tekrarlap aýdýaryn: Halkdan ötünç sorasynlar. Bular ýaly akmaklyga ýol bermesinler. IQ derejesi pes teleseriallary surata düşürmesinler.
Dilujunda «Türklüge, ýurda, watana hyzmat etjek» bolup, bölünişige, parçalanmaga, duşmançylyga çagyrýarlar.
Akyllaryna aýlansynlar.
Altan TAN.

Anna, 17.11.2023 ý. Publisistika